# Söz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Söz Berdinazar HUDAÝNAZAROW

▶ SÖZ

Okaýan bolmasa ýazýan gerekmi?
Belki gerek däldir, belki gerekdir.
Ýöne şahyr üçin goşgy diýilýän
Rysgalydyr-iýilmeli çörekdir.

Bizem şol çöregi gazanjak bolýas
Geňräk görülse-de
şygyrjyk bilen.
Kim bilýär, belki-de utulandyrys
Gidäýmän başga bir ugurjyk bilen.

Emma halanoklar biwepalygy,
Bize köne ýoldan gitmek hökmandyr.
Meger pähimdaryň aýdyşy ýaly
Şahyrçylyk hünär däl-de YKBALDYR.

Ykbaldanam gaçyp gitjek ýeriň ýok.
Diýmek, goşgy bilen gümra bolmaly.
Goşgy ýazýanyňam borjy şeýleräk:
Şere duşman. Haýra hemra bolmaly.

Onda näme okalmaýar goşgular,
Belki indi göreşere şer ýokdur.
Belki bazar gatnaşygy diýilýän
Bu durmuşda şygyrete ýer ýokdur?

Ejizleme şahyr, darykma şahyr,
Munda Söze göwün berenem bardyr.
Okaman oňýanam az däldir welin,
Goşgyňa garaşyp ýörenem bardyr.

Sen nähak azara galyp otyrsyň
Munça gep-gürrüňiň agyrdyp başyn.
Diýýärler ahyry, bu GIŇIŞLIKDE
Adamdan öňürti SÖZ döränmişin.

*** *** ***

Goşga ýazýan ýürek sözüm
Ýüreklere ýetsin diýip.
Apalanan altyn daňlar
Öz wagtynda atsyn diýip.

Ýanmawersin şirin janyň,
Siňsin herne iýen nanyň.
Goşgy ýazýan ejizläniň
Garyp göwni bitsin diýip.

Agyr ýoly ýeňe-eňe
Ýolagçylar gitsin öňe.
Dostlar, goşgy ýazýan
diňe
Halal oýnan utsyn diýip.

Sowa geçsin sypan oklar,
Howalansyn ak derekler,
Goşgy ýazýan
biderekler
Belki derek tutsun diýip,

Ýazýan arzuw edip bagty,
Ýollaryňyz bolsun ýagty.
Suwhan haýdap barýan wagty
Şeýtan yza tessin diýip. Goşgular